# Türkmenistanyň baky Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli söhbetdeşlik

Siziň Alyhezretiňiz hormatly Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOW,

Siziň Alyhezretiňiz hormatly Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy jenap Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW,

Dostlukly türkmen halky!

Ýaponiýanyň hökümetiniň adyndan sizi Türkmenistanyň baky Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik bitarap statusy ykrar edileni bäri, dürli kynçylyklara duçar bolýan goňşy sebitler bilen gurşalan geosyýasy taýdan kyn halkara gurşawyna garamazdan, Türkmenistan öz bitaraplyk statusyny yzygiderli saklap, halkara parahatçylygyna goşant goşup gelýär. Şol tagallalaryňyz üçin ýene-de bir gezek öz çuňňur hormatymy bildiresim gelýär.

Bu ýyl Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bellenilýän ýylyň bolmagy bilen bilelikde, Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylydyr”. Şeýle hem, Awgust aýynda Awazada Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty geçirilip, şol ýerde “Awaza syýasy Jarnamasynyň” kabul edilmegi şu ýylyň Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy we diplomatik tagallalary arkaly dünýä parahatçylygyna we durnuklylygyna işjeň goşant goşýandygyny alamatlandyrýan ýylynyň bolandygyny hem aňladýar.

Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklar babatynda hem, aprel aýyndaky Ýaponiýa saparyndan soň Türkmenistanyň hormatly Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOW şu ýylyň ahyrynda "Merkezi Aziýa + Ýaponiýa" Dialogynyň 20 ýyllygyny bellemek üçin Tokioda geçiriljek Sammite gatnaşmak üçin Ýaponiýa ýene-de sapar eder. Bu ýylyň ikitaraplaýyn syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň, şol sanda häzirki wagtda

ýapon kompaniýalary bilen Türkmenistanyň arasynda amala aşyrylýan köp sanly iri möçberli ykdysady taslamalaryň ösmegi üçin möhüm ýyl bolmagyna garaşylýar.

Ýaponiýanyň Ilçihanasy mundan beýläk hem ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da çuňlaşdyrmak üçin elinden geleni eder. Sözümiň ahyrynda, dünýäde parahatçylyk we abadançylyk, siziň hemmäňize bolsa jan saglyk we bagt arzuw edýärin.